# Dalaşgärlik duýgusy

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Dalaşgärlik duýgusy INSTITUTYÑ BOSAGASYNDA

Kalby arzuw, goly kitap göterip,
Sabyrsyz garasyp synag döwrüne.
Kä howlugar, käte ikirjiňlener,
Müň dürli alada jaýlap göwnüne.

Gijeler ukusyz okan bolmaly,
Yhlasyndan nyşan saralan gözler.
Megerem, beýnide bekän bolmaly,
Synagda aýtmaly tekstler,sözler.

Golundan düşmedik sözlük kitaby,
Goldar ony kyn pursatda ýetişer.
Bu durmuşda her bir öwrenen zadyň,
Geljegiňe nurly şöhlesi düşer.

Gurup hyýalyny synag gününiň,
Begendirsem diýer ýakynlaryny.
«Talyp» adyn buýsanç bilen göterip,
Hasyl edip ýürek arzuwlaryny.

Başa geýip gözel türkmen tahýasyn,
Ir säherden ýola düşer, dilegde.
Hernä Taňryň özi ony goldasyn,
Nesip, talyp bolup galar bu ýerde.

Aýbibi AÝMAKOWA,
Daşoguz welaýatynyň Köneürgenç etrabynyň ýaşaýjysy, «Zehinli nesil» bilim merkeziniň diňleýjisi. Goşgular